***Täze taryhy eýýamda ylym-bilime ösüşiň, özgertmeleriň, öňegidişlikleriň hereketlendiriji güýji, şol sanda iň gymmatly hazyna hökmünde baha berilýär. Şoňa görä-de, Gahryman Arkadagymyzyň hem-de hormatly Prezidentimiziň tagallalary bilen milli bilim ulgamynyň döwrebaplaşdyrylmagy, ýaş nesliň belent watansöýüjilik, milli gymmatlyklara, däp-dessurlara sarpa goýmak ruhunda terbiýelenmegi ugrunda asylly işler durmuşa geçirilýär.***

Hormatly Prezidentimiziň: «Biz ýaşlara we olaryň sowatlylyk derejesiniň ýokarlandyrylmagyna aýratyn ähmiýet berýäris» diýen sözlerinden ugur alnyp, häzirki wagtda ylymly-bilimli nesilleri terbiýelemäge gönükdirilen özgertmeler üstünlikli dowam etdirilýär. Bilim işine okatmagyň öňdebaryjy usullary giňden ornaşdyrylyp, okuw kitaplary yzygiderli neşir edilýär. 1-nji synpa gadam basýan okuwçylara Gahryman Arkadagymyzyň hem-de hormatly Prezidentimiziň adyndan «Bilimli» noutbuk kompýuterleriniň sowgat hökmünde gowşurylmagy bolsa aýratyn bellärliklidir.

Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň Bilimler we talyp ýaşlar gününde Milli Liderimiziň gatnaşmagynda Halkara senagatçylar we telekeçiler uniwersitetiniň dabaraly ýagdaýda açylyp ulanmaga berilmegi möhüm taryhy wakalaryň hataryndan orun aldy. Şeýle hem şu ýyl orta mekdepleriň, çagalar baglarynyň ençemesi açyldy. Mugallymlaryň hünär derejeleri yzygiderli ýokarlandyrylýar. Bilim ulgamyndaky öňdebaryjy halkara tejribeler ýurdumyzyň bilim edaralaryna işjeň ornaşdyrylýar. Ýaşlarymyzyň Ýer ýüzüniň maglumat giňişliginden erkin peýdalanmaklary üçin zerur şertler döredilýär.

Jemläp aýdanyňda, ýaş nesliň bilim almaga bolan hyjuw-höwesini, işjeňligini, jogapkärçiligini artdyrýan möhüm işler biz — bilim işgärlerini has-da buýsandyrýar. Ýurdumyzda ýaşlaryň döwrebap ylym-bilim alyp, kämil ynsanlar bolup ýetişmekleri ugrunda taýsyz tagallalar edýän Milli Liderimiziň hem-de hormatly Prezidentimiziň janlary sag, ömürleri uzak bolsun!

**Bahtyýar KANDYMOW,**
**Lebap welaýatynyň Dänew etrabynyň 39-njy orta mekdebiniň müdiri.**

Все права защищены